# XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ GOLLANMASY

# XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ GOLLANMASY

**XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlarynyň gollanmasy.**

– A.: TDBSI, 2024. – 36 s.

Bu gollanma XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlaryna gatnaşjak milli türgenlerimize hem-de gyzyklanma bildirýänlere maglumat hökmünde taýýarlanyldy.

© Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, 2024
© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2024
© Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty, 2024



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!




## SÖZBAŞY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy bolan ata Watanymyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýokary netijeli sportuň, köpçülikleýin bedenterbiýe-sport hem-de sagaldyş hereketiniň ösdürilmegine, sagdynlyk we ruhubelentlik ýörelgeleriniň durmuşa giňden ornaşdyrylmagyna döwlet derejesinde möhüm ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň milli ýygyndy toparyna dörtýyllygyň iň uly sport baýramçylygynda çykyş etmäge mümkinçilik berýän ýollanmalary gazanan türgenler wekilçilik eder. Sport ýeňişleri bilen Watanymyzyň tuguny belentden parlatmak, milli sportumyzy dünýä ýaýmak her bir türkmenistanly türgeniň mukaddes borjudyr.

Biz milli türgenlerimize öňde boljak XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlarynda ynamly ýeňişleri gazanyp, ýurdumyzyň sport abraýyny geljekki belent basgançaklara çykarmaklaryny arzuw edýäris.

## XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARY BARADA MAGLUMATLAR

| | |
|---|---|
| **Geçiriljek ýeri** | Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäheri |
| **Açylyş dabarasy** | 2024-nji ýylyň 26-njy iýuly |
| **Ýapylyş dabarasy** | 2024-nji ýylyň 11-nji awgusty |
| **Dabaralaryň geçiriljek ýeri** | «Stade de France» stadiony |
| **Sport görnüşleri** | 32 |
| **Medallaryň toplumy** | 329 |
| **Gatnaşjak döwletleriň sany** | 206 |
| **Gatnaşjak türgenleriň sany** | 15 müňden gowrak |
| **Fransiýa Respublikasynyň ozal kabul eden Olimpiýa oýunlary** | - Tomusky Olimpiýa oýunlary (Pariž, 1900 ý.)<br>- Gyşky Olimpiýa oýunlary (Şamon, 1924 ý.)<br>- Tomusky Olimpiýa oýunlary (Pariž, 1924 ý.)<br>- Gyşky Olimpiýa oýunlary (Grenobl, 1968 ý.)<br>- Gyşky Olimpiýa oýunlary (Alberwil, 1992 ý.) |
| **Resmi web sahypasy** | https://www.paris2024.org/ |



# PARIŽ ŞÄHERI BARADA MAGLUMATLAR

| | |
|---|---|
| **Döwlet** | Fransiýa Respublikasy |
| **Sebit** | Ile-de-Fransiýa |
| **Tutýan meýdany** | 105,4 $km^2$ |
| **Sagat guşaklygy** | UTC+1:00, tomusda UTC+2:00 (Aşgabatdan -3 sagat aratapawudy bar) |
| **Ilat sany** | 2,102,650 adam ( 2023 ) |
| **Resmi dili** | fransuz dili |
| **Telefon kody** | +33 1 |
| **Poçta kodlary** | 75001–75020 we 75116 |
| **Howasy** | iýul: ortaça iň ýokary 26.0 °C<br>ortaça iň pes, 15.3 °C<br>awgust: ortaça iň ýokary 25.6 °C<br>ortaça iň pes, 14.4 °C |
| **Resmi puly** | fransuz franky |
| **Goşmaça maglumat** | Türkmenistanyň Fransiýa Respublikasyndaky Ilçihanasy<br>Salgysy: 75116, Pariž ş. Rue Pikot, 13<br>tel.: +33 147 55 05 36<br>faks: +33 147 55 05 68<br>https://france.tmembassy.gov.tm/<br>turkmenamb@orange.fr |

# SPORT GÖRNÜŞLERI WE GEÇIRILÝÄN ÝERLERI: SANLARDA

**15 000-den gowrak türgenler**





**Sportuň 32 görnüşi**



**329 sany medallaryň toplumy**



**41 sany ýaryş ýerleri:**
**29 sany bar bolan, 10 sany wagtlaýyn gurlan desgalar,**
**2 sany täze desgalar**

## «PARIŽ – 2024»: GÖZÝETIMI WE GYMMATLYKLARY

Olimpiýa oýunlarynyň geçirilmegi şähere ýa-da ýurda özi hakynda aýratynlyklaryny beýan etmäge we ilatyna uzakmöhletleýin täsirini ýetirmäge mümkinçilik berýär. «Pariž – 2024-iň» Guramaçylyk topary sport ýaryşlarynyň aýgytly pursat bolmagyny isleýär.



**BU OÝUNLARY DURNUKLY ÖSÜŞIŇ NUSGASY HÖKMÜNDE KABUL EDIŇ!**

**JEMGYÝET ÜÇIN TÄZE TASLAMALARY DURMUŞA GEÇIRMÄGE ÝARDAM BERIŇ!**



**HEMMELERI SPORT BILEN MEŞGULLANMAGA ÇAGYRÝARYS!**



# «PARIŽ – 2024»: AJAÝYP AÇYLYŞ DABARASY

Fransuz medeniýeti we ýaşaýşy bütin dünýäde meşhurlyga eýedir. Fransiýa Respublikasy häzirkizaman şekillendiriş sungatynyň, gözelligiň we lezzetli tagamlaryň mekany we ajaýyp, baýramçylyk dabaralary hökmünde hödürleýän gymmatlyklaryny dünýä jemgyýetçiligine görkezmäge taýýarlanýar.

Fransuz medeniýetiniň iň naýbaşylaryny beýan etmegi göz öňünde tutýan Pariž şäherinde Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasy bilen bilelikde köp sanly medeni-baýramçylyk çäreleri geçiriler.




Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasy bilen bagly teklip edilen taslamalarda taryhy taýdan ilkinji gezek açylyş dabarasyny Sena derýasynda geçirmek meýilleşdirilýär. Şunda Oýunlara gatnaşyjy türgenleriň derýanyň üstünden gaýyklarda ýüzüp, şäheriň iň meşhur ýadygärlikleriniň deňinden geçmegi sport baýramçylygynyň ähmiýetini has-da artdyrar. Açylyş dabarasynyň köp sanly baýramçylyk çäreleri bilen utgaşmagyna garaşylýar.

# RESMI NYŞANY

«Pariž – 2024» Oýunlarynyň nyşany üç simwoliki bölekden ybaratdyr: altyn medal, Olimpiýa alawy we Mariannanyň şekili. Bu nyşanlaryň sazlaşykly utgaşmasy birnäçe möhüm Olimpiýa gymmatlyklaryny wagyz etmäge ýardam berýär. Altyn medal Olimpiýa oýunlarynyň alamatlary bolan ajaýyplygy we kämillige tarap ymtylmagy alamatlandyrýar. Olimpiýa alawy dünýä jemgyýetçiligini umumy bitewiligiň daşyna jemleýär we bir maksada ýetmek üçin zerur bolan güýji aňladýar. 1789-njy ýylda bolup geçen fransuz rewolýusiýasy döwründe şol wagtky Respublikanyň nyşany bolan Mariannanyň şekili bolsa, bu Olimpiýa oýunlaryna täzeçe öwüşgin berýär. 2024-nji ýylda Pariž şäherinde geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň şygary «Geliň, Oýunlary giňden açalyň!» diýlip atlandyrylýar.



## XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ TUMARY







Fransuz Respublikasynyň meşhur nyşany bolan Frigiýa şyrdagynyň Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň tumary hökmünde saýlanyp alynmagynyň özboluşly manysy bardyr. Fransuz halky üçin ol erkinligiň alamatydyr.

Frigiýa şyrdagy ýurduň baýdagynyň reňklerine görä, gyzyl, ak we gök reňklidir. Olaryň döşünde «Pariž – 2024-iň» altyn nyşany bar. Olaryň gözleri milli fransuz bezegi bolan üç reňkli gül görnüşinde şekillendirilendir.

Birek-birek bilen sazlaşykly görnüşleri emele getirýän jübüt hökmünde döredilen Frižler Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlary tamamlanýança türgenleriň we janköýerleriň ruhlandyryjy güýjüne öwrüler.

# OÝUNLARYŇ TUMARYNYŇ FRANSIÝA RESPUBLIKASYNYŇ MILLI GYMMATLYKLARYNDA BEÝANY





Fransiýa Respublikasynda şu ýylda ýurtda geçirilýän Olimpiýa oýunlaryna bagyşlanan ýubileý teňňeleri we sowgatlyk önümleri taýýarlanyldy.

Ýubileý teňňeleriň ýygyndysyna 10 ýewro nominally dokuz kümüş teňňe girýär. Bu teňňelerde Frižiň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmagynyň şekilleri ýerleşdirilipdir. Olaryň her biri 75 müň nusga tiraž bilen çykaryldy, teňňeleriň bahasy 12-14 ýewro aralygynda üýtgeýär. Mundan başga-da, 50 ýewro nominally we her biri 20 müň nusga tiražly iki kümüş teňňe çykaryldy. Olaryň bahasy 59 ýewro barabar. 250 we 500 ýewro nominally 999 probaly altyn teňňeleriň bahasy, degişlilikde, 250 we 500 ýewro barabar. Kiçi nominally teňňede Friž Parižiň fonunda Olimpiýa baýdagyny saklap dur, iň gymmat teňňede Friž Fransiýanyň taryhy nyşany bolan Mariannanyň egninde otyr. Birinji teňňe 10 müň nusga, ikinjisi 5 müň nusga bilen çykaryldy.



# XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ MEDALLARY




2024-nji ýylda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek Tomusky Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlarynyň Guramaçylyk topary Oýunlarda türgenleriň sylaglanyljak medallarynyň tanyşdyrylyş dabarasyny geçirdi.

2024-nji ýylda geçiriljek Olimpiýa oýunlarynyň Guramaçylyk toparynyň başlygy Toni Estange altyn, kümüş we bürünç medallaryň ýurduň iň gymmatly metaly bolan Eýfel diňiniň metaly bilen birleşdirmäge synanyşmak üçin köp tagallalaryň edilendigini belläp geçdi.

Altyn medalyň agramynyň 529 gram, kümüş medalyň 525 gram, bürünç medalyň bolsa 455 gram boljakdygy habar berildi. Her baýragyň merkezinde bolsa, Eýfel diňinden alnan 18 grama golaý demir bölegi ýerleşdirilendir.



# SPORT GÖRNÜŞLERI







«Pariž–2024-iň» Guramaçylyk komiteti Olimpiýa oýunlarynyň wizual dizaýnyny we sportuň görnüşleriniň nyşanlaryny taýýarlady.

Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna täze ugur bolan breýk-tansy girizildi. Sportuň görnüşi hökmünde ol şäher tansynyň üýtgeşik çeýeliginiň utgaşmagyndan dörändir.

Dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýän Halkara Olimpiýa Komiteti (IOC) her bir kabul edijä Olimpiýa maksatnamasyna girizmek üçin sportuň täze görnüşlerini teklip etmäge mümkinçilik berýär.

Sportuň teklip ediljek görnüşleriniň girizilmegi, türgenleriň kesgitlenen sanyna ýa-da eýýäm Olimpiýa maksatnamasyna goşulan sport çäreleriniň geçirilmegine täsir etmeýär.

# Olimpiýa oýunlarynyň geç

# Les sites de compétition oly

## Olympic competition venues



# iriljek ýerleri

# ympiques



# OLIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ KARTASY

«Pariž – 2024» Oýunlarynyň meýdançalarynyň köpüsi bar bolan ýa-da wagtlaýyn gurlan sport desgalarynda, ýaryşlaryň birnäçesi şäheriň merkezinde geçiriler. Oýunlar açylyş dabarasyndan başlap, Eýfel diňi, «Place de la Concorde» we «Esplanade des Invalides» ýaly ajaýyp ýerlerde geçiriljek çärelere çenli Parižiň ähli ýerlerini gurşap alar.





# OÝUNLARYŇ SENENAMASY

● Açylyş dabarasy | Saýlama ýaryşlar | Ýaryşlaryň final duşuşyklary | ● Ýapylyş dabarasy

**Açylyş dabarasy:** 2024-nji ýylyň 26-njy iýuly

**Ýapylyş dabarasy:** 2024-nji ýylyň 11-nji awgusty

| **Iýul/awgust, 2024ý.** | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 | 29 | 30 | 31 | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | Medallaryň sanawy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Açylyş dabarasy | | | ● | | | | | | | | | | | | | | | | ● | |
| Akademik küreklemek | | | | | | | | 2 | 4 | 4 | 4 | | | | | | | | | 14 |
| Badminton | | | | | | | | | | 1 | 1 | 1 | 2 | | | | | | | 5 |
| Basketbol | | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 2 |
| Basketbol 3x3 | | | | | | | | | | | | | 2 | | | | | | | 2 |
| Boks | | | | | | | | | | | | | | 1 | 2 | 2 | 4 | 4 | | 13 |
| Breýk-tansy | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | | 2 |
| Göreş | | | | | | | | | | | | | | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 | 18 |
| Welosport | | | | 2 | 1 | 1 | | 2 | | 2 | 1 | 1 | 1 | 1 | 2 | 2 | 2 | 1 | 3 | 22 |
| Suw pökgüsi | | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 2 |
| Woleýbol | | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 2 |
| Kenarýaka woleýbol | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | | 2 |
| Gandbol | | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 2 |
| Golf | | | | | | | | | | | | 1 | | | | | | 1 | | 2 |
| Baýdarka we kanoýda küreklemek | | | | | 1 | 1 | | 1 | 1 | | | | 2 | | | 4 | 3 | 3 | | 16 |
| Dzýudo | | | | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 1 | | | | | | | | | 15 |
| Atçylyk sporty | | | | | | 2 | | | 1 | | 1 | 1 | | 1 | | | | | | 6 |
| Ýeňil atletika | | | | | | | | | 2 | 1 | 5 | 3 | 3 | 5 | 5 | 6 | 8 | 9 | 1 | 48 |

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Stol tennisi | | | | | | | 1 | | | | 1 | 1 | | | | | 1 | 1 | | 5 |
| Ýelkenli sport | | | | | | | | | 2 | 2 | | | | 2 | 2 | 2 | | | | 10 |
| Suwda ýüzmek | | | | 4 | 3 | 5 | 3 | 5 | 4 | 3 | 4 | 4 | | | | 1 | 1 | | | 37 |
| Suwa bökmek | | | | 1 | | 1 | | 1 | | 1 | | | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | 8 |
| Batutda bökmek | | | | | | | | | | 2 | | | | | | | | | | 2 |
| Regbi-7 | | | | 1 | | | 1 | | | | | | | | | | | | | 2 |
| Sýorfing | | | | | | | 2 | | | | | | | | | | | | | 2 |
| Sazlaşykly ýüzmek | | | | | | | | | | | | | | | 1 | | | 1 | | 2 |
| Skeýtbording | | | | 1 | 1 | | | | | | | | | 1 | 1 | | | | | 4 |
| Häzirkizaman bäş görnüşli sport | | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 2 |
| Sport gimnastikasy | | | | | | 1 | 1 | 1 | 1 | | 4 | 3 | 3 | | | | | | | 14 |
| Sport daga dyrmaşmasy | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | 1 | 1 | | 4 |
| Ok atmak | | | | 1 | 2 | 2 | 2 | 1 | 1 | 1 | 2 | 1 | 2 | | | | | | | 15 |
| Ýaýdan atmak | | | | | 1 | 1 | | | | 1 | 1 | 1 | | | | | | | | 5 |
| Tennis | | | | | | | | | | 1 | 2 | 2 | | | | | | | | 5 |
| Triatlon | | | | | | | 1 | 1 | | | | | 1 | | | | | | | 3 |
| Taekwondo | | | | | | | | | | | | | | | 2 | 2 | 2 | 2 | | 8 |
| Agyr atletika | | | | | | | | | | | | | | | 2 | 2 | 2 | 3 | 1 | 10 |
| Gylyçlaşmak | | | | 2 | 2 | 2 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | 1 | | | | | | | | 12 |
| Futbol | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | | 2 |
| Otuň üstündäki hokkeý | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | | | 2 |
| Çeper gimnastikasy | | | | | | | | | | | | | | | | | 1 | 1 | | 2 |
| **Medallaryň toplumy** | | | | 14 | 13 | 18 | 14 | 17 | 19 | 22 | 28 | 20 | 16 | 15 | 21 | 27 | 33 | 39 | 13 | **329** |
| **Iýul/awgust, 2024ý.** | **24** | **25** | **26** | **27** | **28** | **29** | **30** | **31** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** | |

# TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÝYGYNDY TOPARLARYNYŇ TÜRGENLERINIŇ ÇYKYŞ ETJEK SPORT GÖRNÜŞLERI

| T/b | Sportuň görnüşleri | Türgenler | Agram derejesi | Çykyş etjek senesi | Wagty (Pariž wagty bilen) | Desgalar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Dzýudo | Pardaýewa Maýsa Parda gyzy | 57 kg | 27.07.2024 | 10:00 | Cham-de-Mars Arena |
| | | Rahimow Serdar Jumanazarowiç | 66 kg | 28.07.2024 | 16:00 | |
| 2. | Suwda ýüzmek | Primowa Aýnura | 100 metr arkanlygyna ýüzmek | 29.07.2024 | 11:00 | Paris La Defense Arena |
| | | Žalaýew Musa | 100 metr erkin ýüzmek | 30.07.2024 | 11:00 | |
| 3. | Ýeňil atletika | Meredowa Walentina Tigranowna | 100 m ylgamak | 02.08.2024 | 10:00 | Stade de France |
| 4. | Agyr atletika | Hasanbaýew Dawranbek | 102 kg | 10.08.2024 | 11:30 | South Paris Arena 6 |

# XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARY HEM-DE EMELI AŇ



Fransiýa Respublikasynyň Konstitusiýa geňeşi 2023-nji ýylyň aprel aýynda kabul edilen Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen emeli intellekti ulanmagy göz öňünde tutýan kanunyň taslamasyny tassyklady.

«NBCUniversal» köpçülikleýin habar beriş serişdeleri kompaniýasy we «Peacock» akym hyzmaty Pariždäki Olimpiýa oýunlarynyň esasy wakalaryny beýan etjek «Your Daily Olympic Recap on Peacock» atly täze programmany döreder. Programmanyň tapawutly aýratynlygy sport wakalaryna amerikaly meşhur teswirçi El Maýklsyň sesi bilen teswir berjek neýroulgamyň ulanylmagy bolar. Bu Olimpiýa oýunlaryna teswir bermekde emeli aňyň ilkinji gezek ulanylmagyny alamatlandyrar.

Samsung Halkara Olimpiýa Komiteti (IOC) we Olimpiýa Ýaýlymlar Gullugy (OBS) bilen bilelikde açylyş dabarasynyň smartfonlar arkaly ýaýlyma goýberilmegine mümkinçilik berýän taslamany durmuşa geçirdi. Ýaýlyma goýberilişiň durnukly bolmagy üçin Senanyň boýunda Orange operatory tarapyndan gurlan 10-dan gowrak antennaly hususy 5G ulgamy ulanylar.

## XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNA GATNAŞJAK TÜRKMEN TÜRGENLERI

2022-nji ýylyň 28-nji aprelinde 2024-nji ýylda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlaryna Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryny taýýarlamak boýunça Guramaçylyk topary döredildi hem-de onuň düzümi tassyklanyldy. Resminamanyň maksady «2024-nji ýylda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlaryna Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryny taýýarlamagyň hem-de olaryň gatnaşmagynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda çykaran Kararyny ýerine ýetirmekden ybarat boldy.

## XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNA GATNAŞJAK TÜRKMEN EMINI

2024-nji ýylyň 27-nji iýunynda Lozanna şäherinde Türkmenistanyň Milli agyr atletika federasiýasynyň başlygy Berdinyýaz Mätiýew bilen Halkara agyr atletika federasiýasynyň (IWF) Baş direktory Açilleas Tsogasyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşyň barşynda taraplar Türkmenistanda halkara we sebitleýin agyr atletika ýaryşlaryny geçirmek, halkara bilermenleriniň gatnaşmagynda okuw maslahatlaryny gurnamak, türgenleri taýýarlamak bilen bagly meseleleri ara alnyp maslahatlaşdylar hem-de bu ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmek babatynda ylalaşdylar.

Şeýle hem Halkara agyr atletika federasiýasynyň Baş direktory Açilleas Tsogas tarapyndan 2024-nji ýylda Pariž şäherinde geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlaryna türkmen emininiň gatnaşmagy baradaky sertifikat resmi taýdan gowşuryldy.




## Hasanbaýew Dawranbek

**Türgen:** Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy
**Doglan senesi we ýeri:** 24.12.2000ý.

Daşoguz welaýaty

**Sportuň görnüşi:** Agyr atletika
**Agram derejesi:** 102 kg
**Sport derejesi:** Halkara derejeli sport ussady

**Gazanan netijeleri:**
- 5-nji Yslam Raýdaşlyk Oýunlary, 4-nji orun, Konýa şäheri, Türkiýe, 11.08.2022ý.
- Aziýa çempionaty, 8-nji orun, Manama şäheri, Bahreýn Patyşalygy, 06.10.2022ý.
- Aziýa çempionaty, 7-nji orun, Jinju şäheri, - Koreýa Respublikasy, 05.05.2023ý.
- Dünýä çempionaty, 18-nji orun, Er-Riýad şäheri, Saud Arabystany Patyşalygy, 04.09.2023ý.
- Aziýa çempionaty, 4-nji orun, Daşkent şäheri Özbegistan Respublikasy, 03.02.2024ý.
- Dünýä kubogy, 5-nji orun, Phuket şäheri, Taýland Patyşalygy, 31.03.2024ý.

**Birinji tälimçisi:** M.Jumaýew
**Tälimçisi:** M.Rejepow



## Rahimow Serdar Jumanazarowiç

**Türgen:** Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 2-nji ýyl talyby

**Doglan senesi we ýeri:** 12.02.2004ý. Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynyň Hojambaz şäheri

**Sportuň görnüşi:** Dzýudo

**Agram derejesi:** 66 kg

**Sport derejesi:** Sport ussatlygyna dalaşgär

**Gazanan netijeleri:**

- V Yslam Raýdaşlygy Oýunlary, 5-nji orun, Konýa şäheri, Türkiýe Respublikasy, 15-17.08.2022ý.
- Grand Pri halkara ýaryşy, 5-nji orun, Lissabon şäheri, Portugaliýa Respublikasy, 27-29.01.2023ý.
- Ýewropanyň Açyk çempionaty, 2-nji orun, Rim şäheri, Italiýa Respublikasy, 11-12.03.2023ý.
- Ýaşlaryň arasynda Ýewropanyň Kubogy, 1-nji orun, Saraýewo şäheri, Bosniýa we Gersegowina, 18-19.03.2023ý.
- Grand Slam halkara ýaryşy, 7-nji orun, Tbilisi şäheri, Gruziýa, 24-26.03.2023ý.
- Ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýanyň Kubogy, 2-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 27-30.07.2023ý.
- Ýewropanyň Açyk çempionaty, 2-nji orun, Warşawa şäheri, Polşa Respublikasy, 25-26.02.2024ý.
- Ýewropanyň Açyk Kubogy, 2-nji orun, Riga şäheri, Latwiýa Respublikasy, 16-17.03.2024ý.
- Grand Slam halkara ýaryşy, 1-nji orun, Duşanbe şäheri, Täjigistan Respublikasy, 03-05.05.2024ý.

**Birinji tälimçisi:** B.Şerapow

**Tälimçisi:** T.Kazuhiko



## Pardaýewa Maýsa Parda gyzy

**Türgen:** Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby
**Doglan senesi we ýeri:** 14.02.2005ý. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Garnas geňeşligi
**Sportuň görnüşi:** Dzýudo
**Agram derejesi:** 57 kg
**Sport derejesi:** 1-nji dereje

**Gazanan netijeleri:**
- Ýaşlaryň arasynda Aziýanyň Kubogy, 1-nji orun, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 13-15.05.2022ý.
- Ýaşlaryň arasynda Ýewropanyň Kubogy, 2-nji orun, Saraýewo şäheri, Bosniýa we Gersegowina, 18-19.03.2023ý.
- Aziýanyň açyk çempionaty, 3-nji orun, El-Kuweýt şäheri, Kuweýt, 28-29.04.2023ý.
- Ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýanyň Kubogy, 1-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 27-30.07.2023ý.
- XIX Aziýa oýunlary, 3-nji orun, Hanžou şäheri, Hytaý Halk Respublikasy, 23.09-08.10.2023ý.
- Ýewropanyň Açyk çempionaty, 1-nji orun, Warşawa şäheri,  Polşa Respublikasy, 25-26.02.2024ý.
- Grand Slam halkara ýaryşy, 3-nji orun, Antalýa şäheri, Türkiýe Respublikasy, 29-31.03.2024ý.

**Birinji tälimçisi:** J.Matnazarow
**Tälimçisi:** T.Kazuhiko




## Žalaýew Musa

**Türgen:** Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň 1-nji ýyl talyby
**Doglan senesi we ýeri:** 15.05.2003ý. Aşgabat şäheri
**Sportuň görnüşi:** Suwda ýüzmek (100 metr erkin ýüzmek)
**Sport derejesi:** Halkara derejeli sport ussady

**Gazanan netijeleri:**
- Bütindünýä suwdaky sportuň görnüşleriniň (World Aquatics) okuw-türgenleşik ýygnanyşygy, Kazan şäheri, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasy, 01.11.2019ý.-01.10.2020ý.
- Aziýanyň açyk çempionaty, 50 metr erkin usulda ýüzmekde 1-nji orun, 100 metr erkin usulda ýüzmekde 2-nji orun, Bangkok şäheri, Taýland Patyşalygy, 03-07.03.2023ý.
- «Uzbekistan Swimming Championships 2023» atly halkara ýaryşy, 100 metr erkin usulda ýüzmekde 2-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 16-23.04.2023ý.

**Birinji tälimçisi:** D.Nowikow
**Tälimçisi:** D.Nowikow



## Primowa Aýnura

**Türgen:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň türgeni
**Doglan senesi we ýeri:** 02.09.2006ý. Aşgabat şäheri
**Sportuň görnüşi:** Suwda ýüzmek (100 metr arkanlygyna ýüzmek)
**Sport derejesi:** Sport ussady

**Gazanan netijeleri:**
- Aziýanyň açyk çempionaty, 50 metr arkalygyna ýüzmekde 1-nji orun, 100 metr arkanlygyna ýüzmekde 2-nji orun, Bangkok şäheri, Taýland Patyşalygy, 03-07.03.2023ý.
- «Uzbekistan Swimming Championships 2023» atly halkara ýaryşy, 100 metr arkanlygyna ýüzmekde 3-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 16-23.04.2023ý.

**Birinji tälimçisi:** S.Ýepifanow
**Tälimçisi:** D.Nowikow



## Meredowa Walentina Tigranowna

**Türgen:** Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Gurluşyk we binagärlik sport kluby» hojalyk müdirliginiň 1-nji derejeli türgeni
**Doglan senesi we ýeri:** 29.09.1984ý. Aşgabat şäheri
**Sportuň görnüşi:** Ýeňil atletika (100 m ylgamak)
**Sport derejesi:** Sport ussady

**Gazanan netijeleri:**
- Ýapyk binalarda Aziýa çempionaty, 2-nji orun, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 10.02.2023ý.
- Ýapyk binalarda Aziýa çempionaty, 2-nji orun, Tähran şäheri, Eýran Yslam Respublikasy, 18.02.2024ý.
- Merkezi Aziýanyň açyk çempionaty, 3-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 18.05.2024ý.
- Halkara ýaryşy, 5-nji orun, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 22.06.2024ý.

**Birinji tälimçisi:** B.Aşyrmyradow
**Tälimçisi:** B.Aşyrmyradow

## PARIŽDE GEÇIRILJEK OLIMPIÝA OÝUNLARYNA TÜRGENLERIMIZIŇ YLMY ESASDA TAÝÝARLYGY

Hormatly Prezidentimiziň «2024-nji ýylda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Paralimpiýa oýunlaryna Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryny ylmy esasda taýýarlamagyň meseleleri hakynda» Karary esasynda ýurdumyzyň milli ýygyndy toparlarynyň türgenlerini halkara ýaryşlaryna ylmy esasda taýýarlamak işlerini öz wagtynda ýerine ýetirmek, alnyp barylýan ylmy barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, Olimpiýa we Paralimpiýa oýunlaryna we beýleki halkara ýaryşlaryna taýýarlyk görýän milli ýygyndy topary türgenleriniň beden mümkinçilikleriniň çäklerini bahalandyrmagyň usulyýeti kesgitlenen görkezijiler esasynda seljerildi. Sport işjeňligini fiziki dikeldiş usullaryň kömegi arkaly ýokarlandyrmak üçin owkalaýjylar, psiholog-mugallymlar, talyplar goşuldylar hem-de türgenler bilen dikeldiş we psihologik işlerinde ýardam berdiler.

Ylmy barlaglaryň esasynda alnan maglumatlar lukmanlaryň gatnaşmagynda seljerilip, her türgen üçin aýratynlykda netijenama taýýarlanyldy hem-de «Milli ýygyndy topary türgenleriniň çuňlaşdyrylan lukman-biologik barlag kartasy» çuňlaşdyrylan görnüşinde, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine, milli ýygyndy toparlaryň tälimçilerine tabşyryldy.

## «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLYNDA OLIMPIÝA MEDALYNYŇ ARZUWY

Iki müň ýigrimi ikinji ýylda,
Polina Gurýewa Tokio bardy,
Otuz ikinji Olimpiýa oýnunda,
Kümüş medal bilen taryha girdi.

Bu şanly seneden iki ýyl ötdi,
Olimpiýa oýunlar Pariže ýetdi,
Fransiýa döwleti teklibin etdi,
Teklipde türkmene çakylyk bardy.

Gahryman Serdarymyz sporty goldap,
Türkmen türgenlerin Pariže ýollap,
Türgenlerimiz ýeňer - Watan sylaglar,
Ozal hem ýeňijiň sylagy bardy.

Tälimçiler syr bildirmän ýörse-de,
Türgenleriň taplananyn bilse-de,
Ak pataly ganatlaryn gerse-de,
Tolgunýan ýürekler tesellä zardy.

Türgenlerimiz baryň, size ýol bolsun,
Gum diýip garbanyňyz altyn-zer bolsun,
Ýoluňyz ak bolsun, Alla ýar bolsun,
Şanly ýylymyzyň goldawy bardy.

*Hangeldi Baýramow,*
*Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.*

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Serdar Berdimuhamedow. Ýaşlar – Watanyň daýanjy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2023.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
3. Serhenow A. we başg. Olimpizm filosofiýasy. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.
4. «Türkmenistan Sport» Halkara žurnaly, № 2 (22), 2024 ý.
5. https://www.wikipedia.org
6. https://olympics.com/ru/paris-2024
7. https://salamnews.tm
8. https://tmcars.info

*TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI*

*TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI*

*TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE WE SPORT INSTITUTY*

# *XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA WE XVII TOMUSKY PARALIMPIÝA OÝUNLARYNYŇ GOLLANMASY*


| | |
|---|---|
| *Jogapkärler* | *G. Sähedow, A. Gurbanmämmedow* |
| *Maglumatlary jemlän* | *S. Gurdow, S. Nurmuhammedow* |
| *Kompýuter bezegi* | *Ş. Nepesow, G. Annamyradow* |

*«XXXIII Tomusky Olimpiýa we XVII Tomusky Paralimpiýa oýunlarynyň gollanmasynyň» taslamasy «Olimp» ylmy-usuly merkezinde taýýarlanyldy hem-de Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Alymlar geňeşiniň 2024-nji ýylyň 8-nji iýulyndaky mejlisinde 14-nji teswirnama bilen tassyklanyldy.*

# BELLIKLER ÜÇIN